# KÄR HÄSIÝETNAMASY

**Taýýarlygyň ugry:** 2.20.03.02 Ýer gurluşygy we kadastrlar
**Dereje:** bakalawr

Şu kär häsiýetnamasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň Ýer gurluşygy we kadastrlar taýýarlyk ugry boýunça taýýarlanylýan bakalawrlaryň wezipelerini hem-de olaryň taýýarlyk ugruna bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär.

Kär häsiýetnamasy bakalawrlary taýýarlamaklygyň meýilnamasyny işläp düzmek, taýýarlanyljak bakalawrlaryň sanyny anyklamak, olaryň düzümini delillendirmek, ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlerini guramak, okuwyny tamamlan uçurymlaryň işlemeli ýerlerine ugradylyşyny, işe ýerleşdirilişini üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň taýýarlygynyň ugruna laýyklygyny seljermek üçin ulanylmalydyr.

## Bakalawryň wezipesi

Bakalawr oba hojalyk önümçiligini dolandyrmak işini ýokary okuw mekdebinde alan bilim derejesine laýyklykda amala aşyrmak üçin taýýarlanylýar. Ýer gurluşygy we kadastrlar taýýarlyk ugry boýunça taýýarlanylýan bakalawr hünär işiniň aşakdaky wezipeleriniň çözgüdine taýýar bolmalydyr: tehniki resminamalary we hasabatlary düzmäge; gurallary, enjamlary, tehniki serişdeleri we ulgamy sertifikatlaşdyrmak üçin taýýarlyk işlerini ýerine ýetirmäge; kiçi ýerine ýetiriji toparlaryň işini guramaga we meýilleşdirmäge; ylmy-tehniki we guramaçylyk çözgütlerini esaslandyrmaga; toparyň ýerine ýetiren işiniň netijesini seljermäge; enjamlaryň we gurallaryň abatlaýyş işlerini geçirmek üçin talaplary kesgitlemäge we tehniki resminamalary taýýarlamaga; täze enjamlar üçin haýyşnama taýýarlamaga, olary kabul edip almaga we özleşdirmäge; ýeriň ýagdaýyny öwrenmek boýunça çäreleri işläp düzmäge; ýerden netijeli peýdalanmaga, hem-de olary goramagy meýilleşdirmäge we guramaga; oba hojalyk maksatly önümçilik üçin raýatlaryň we ýuridiki şahslaryň ýer böleklerinden netijeli peýdalanmagyny guramagyň taslamasyny işläp düzmäge; döwlet subýektleriniň we obýektleriniň arasynda çäkleri kesgitlemek boýunça ýer gurluşyk işleriniň önümçiligini guramaga, şeýle hem ýer gurluşyk obýektiniň koordinatalaryny beýan etmäge we kartasyny taýýarlamaga; territoriýanyň subýektlerinde suw obýektleriniň çäklerini kesgitlemäge; territoriýada bar bolan medeni-mirasyň çäklerini kesgitlemäge; ýer gurluşyk taslamalaryny we çyzgytlaryny işläp düzmäge; ýer gurluşyk taslamalarynyň we çyzgytlarynyň tehniki-ykdysady esaslandyrmasyny ýerine ýetirmäge; ýer gurluşyk

taslamalarynyň awtomatlaşdyrylan ulgamlaryny işläp düzmäge we aprobasiýa etmäge; kadastr we beýleki maglumatlary seljermäge hem-de gaýtadan işlemäge; ýer gurluşyk we kadastr, kadastry ýöretmek, ýere we gozgalmaýan emläge baha bermek işlerinde taslamak, işi ýerine ýetirmegiň tehnologiýasy boýunça täze usullary işläp düzmäge; ýer gurluşygynda we kadastrlarda ylmy-barlaglary geçirmäge we olary önümçilige ornaşdyrmaga; ýerden we beýleki gozgalmaýan emläkden peýdalanmak boýunça milli we daşary ýurt tejribesiniň ylmy-tehniki maglumatlaryny öwrenmäge; intellektual eýeçiligiň obýektlerini goramaga; gozgalmaýan emlägiň döwlet kadastryny ýöretmäge; ýer gurluşygy we gozgalmaýan emlägiň döwlet kadastry boýunça taslama-gözleg we topografo-geodeziki işleri ýerine ýetirmäge; enjamlaryň we gurallaryň tehniki ýagdaýyny barlamaga; ýer gurluşyk we kadastr ulgamynda işleriň hukuk esaslaryny bilmäge; hereket edýän kanunçylyga laýyklykda ýeriň we beýleki gozgalmaýan emlägiň ulanylyşy, ýeriň we daşky gurşawyň goralyşy boýunça işleriň gözegçiligini amala aşyrmaga; ýerleriň ýagdaýy we ulanylyşy boýunça tematiki kartalary we atlaslary düzmäge; ýer gurluşyk obýektleriniň ýerini beýan etmäge ýa-da ýer çäklerini kesgitlemäge; ýer gurluşygynda we kadastrlarda maglumat tehnologiýalaryny, häzirki zaman tehnikalary ulanmaga; ýerleriň we gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň tehniki tükelleýşini ýerine ýetirmäge; ýer gurluşyk taslamalaryny we çyzgytlaryny durmuşa geçirmek boýunça işlere; ýerleriň we gozgalmaýan emlägiň monitoringini amala aşyrmaga; ýer gurluşyk işleriniň netijesinde alnan maglumatlaryň döwlet fonduny ýöretmäge.

Bakalawr halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, esasan hem oba hojalygynda, dürli önümçilik birleşmelerde, hususy kärhanalarda, bilelikdäki birleşmelerde we ýokary bilimli hünärmenlere niýetlenen beýleki wezipeleri eýeläp biler.

## Bakalawra bildirilýän umumy talaplar

Bakalawr ýokary hünär taýýarlykly, medeniýetli we salyhatly, halkyň bähbidini arap bilýän, Watanymyza, halkymyza, Hormatly Prezidentimize wepaly, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň talaplaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatlaryna dogry düşünýän we olary gyşarnyksyz durmuşa geçirip bilýän hünärmen bolmalydyr.

Bakalawr köpçülige ýolbaşçylyk etmegi, öz işgärlerini agzybirlik, maksada okgunlylyk ruhunda terbiýelemegi, nazary bilimini we tejribelik endiklerini yzygiderli hem-de üznüksiz kämilleşdirmegi, öz taýýarlyk ugry boýunça toplan ylmy maglumatlaryna düşünip, olary işinde ulanmagy, zähmeti ylmy nukdaýnazardan guramagy başarmalydyr.

Bakalawr ýokary okuw mekdebinde alan bilimini, ylmyny we tejribe taýdan taýýarlygyny yzygiderli ösdürip, kärini kämil bilmelidir, syýasy-jemgyýetçilik pikirini çuňlaşdyrmak bilen zähmeti ylmy taýdan guramak ýörelgesini önümçilikde ulanmagy başarmalydyr, işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegiň häzirki zaman usullaryna, şeýle hem işgärleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň tärlerine eýe bolmalydyr.

**Bakalawr şu aşakdakylary bilmelidir:**

- guramaçylyk-dolandyryş işleri;
- taslama işi;
- ylmy-barlag işleri;
- önümçilik-tehnologiki işleri.

**Bakalawr şu aşakdakylary başarmalydyr:**

- nazary we amaly meseleleri çözmekde ylmy-nazary bilimlerini peýdalanmagy;
- ulgamlaýyn we deňeşdirme seljermesini geçirmegi;
- derňew endiklerine eýe bolmagy;
- özbaşdak işlemegi;
- täze pikirleri döretmegi;
- meseleleri çözmekde dersara çemeleşmelere eýe bolmagy;
- maglumatlary dolandyryş, kompýuter bilen işlemek, tehniki enjamlardan baş çykarmak bilen baglanyşykly endiklere eýe bolmagy;
- dil we hat kommunikasiýalaryň ukyplaryna eýe bolmagy;
- dowamynda okap, öz başarnyklaryny ýokarlandyrmagy;
- tebigy-ylmy dersleriň esasy kanunlaryny öz kär işinde ulanmagy;
- kompýuter tehnikasyny ulanmak bilen maglumat almagyň, ony saklamagyň, gaýtadan işläp bejermegiň esasy usullaryna we serişdelerine eýe bolmagy;
- önümçilik işgärlerini we ilaty tebigy betbagtçylyklaryň hem-de adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolan netijelerinden goramagyň esasy usullaryny amala aşyrmagy;
- ykdysady nazaryýetiň esasy düzgünlerinden baş çykaryp bilmegi, olary bazar ykdysadyýetini hasaba almak bilen ulanmagy;
- ylmy esasda zähmeti guramagy, işe özbaşdak baha bermegi;
- raýatlyk häsiýetine eýe bolmagy;
- sosial ylalaşyga ukyply bolmagy;
- şahslar bilen özara aragatnaşygy ýola goýup bilmegi;
- saglygy goraýyş ukybyna eýe bolmagy;

- tankyda we öz-özüňe tankyda ukyply bolmagy;
- topar bolup işlemegi;
- önümçiligi guramagy we dolandyrmagy;
- medeni gymmatlyklardan we ýörelgelerden ýerlikli peýdalanmagy;
- ýer serişdelerini tygşytly ulanmagy, ýerden peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmagy;
- ýurduň ýer serişdeleri baradaky düşünjeleri ýokarlandyrmak, sebitiň belli bir çäginde ýer ulanylyşyň antropogen täsirini azaltmak boýunça çäreleri geçirmegi;
- ýer we emläk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmagy, jedellerini çözmegi, olaryň ulanylyşy boýunça döwlet kanunlaryndan peýdalanmagy;
- ýer gurluşygynyň, gozgalmaýan emläkleriň, kadastr we ýer dolandyryşyň usullaryny ulanmagy;
- ugry boýunça kiçi toparlara ýolbaşçylyk etmegi;
- ýer serişdelerini ulanmak we goramak üçin taslama, deslapky taslama we çaklama materiallaryny hasaplamagy;
- döwlet emläk kadastrlary, sebiteýin meýilnamalaşdyrmak, ýer gurluşygy, ýer gözlegleri bilen baglanyşykly taslama, kadastr we beýleki işler üçin häzirkizaman awtomatlaşdyrylan tehnologiýalary peýdalanmagy;
- meýdanlary sebitlere bölmegi we obalaryň ösüşini meýilleşdirmegi, çäkleri kesgitlemegi, inženerçilik enjamlarynyň taslama elementlerini ýerleşdirmegi;
- ýer gurluşygy we gozgalmaýan emlägiň obýektlerini ösdürmek üçin taslama çözgütlerini durmuşa geçirmegi;
- ýer bölekleri we gozgalmaýan emläk baradaky maglumatlary ýygnamagy, ulgamlaşdyrmagy, gaýtadan işlemegi we hasaba almagy;
- ýer we gozgalmaýan emläklere kadastr we ykdysady taýdan baha bermegiň ýörelgelerini, görkezijilerini hem-de usullaryny ulanmagy;
- häzirkizaman geoinformasion sistemalary, kadastr we beýleki maglumatlary taýýarlamagy;
- tükelleýiş, ýer gözleg, ýerleri dolandyrmak we kadastr işleriniň, geodeziki ölçegleriň netijelerini gaýtadan işlemekde, ýer gurluşyk taslamalaryny durmuşa geçirmekde we ýer böleklerini kesgitlemekde topografiki we geodeziki işleriň häzirkizaman tehnologiýalaryny ulanmagy;
- grafiki maglumatlary, aero we emeli hemralaryň suratlaryny şekillendirmek, meýdany zondirlemek, ýer dolandyryş we döwlet emläk kadastrlary üçin kartalary, planlary, beýleki grafiki materiallary döretmekde üçin häzirkizaman tehnologiýalary ulanmagy;
- ýere we gozgalmaýan emläklere gözegçilik etmek üçin häzirkizaman tehnikalary we tehnologiýalary ulanmagy;
- sebitdäki düýpli gurluşyk desgalaryny we inženerçilik enjamlaryny tehniki taýdan hasaba almak üçin häzirkizaman tehnologiýalary ulanmagy;

- innowasiýa işleriniň häzirkizaman tehnologiýalarynyň, territorial meýilnamalaşdyryş we ýer dolandyryşyň maýa goýum taslamalarynyň tejribesini peýdalanmagy;
- ýer gurluşygy we kadastr, ýer hem-de gozgalmaýan emläk bahalandyrmasynda topografiki, geodeziki işleri ýerine ýetirmek üçin täze taslama usullaryny, tehnologiýalaryny oýlap tapmagy;
- tejribe gözleglerini geçirmegi;
- ylmy we tehniki maglumatlary, ýer we beýleki gozgalmaýan emläkleri ulanmakda içerki we daşary ýurt tejribesini öwrenmegi;
- gözlegiň netijelerini we täze ösüşleri durmuşa geçirmegi.

Kär häsiýetnamasynyň ähli şertlerini şu taýýarlyk ugry boýunça bakalawrlary halk hojalygynyň talaplaryna laýyklykda taýýarlaýan we terbiýeleýän ýokary okuw mekdepler hem-de dolandyryjy guramalar gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidirler.

Kär häsiýetnamasy kärhanalaryň, bilim we hünär derejesini ýokarlandyrýan edaralaryň okuw meýilnamalaryny düzmekde esasnama, şeýle hem iş ýazgysy hökmünde hyzmat etmelidir.

Kär häsiýetnamasyna ylmyň, tehnikanyň gazananlaryna esaslanan üýtgetmeler we goşmaçalar şu diňe Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ylalaşmaklary esasynda girizilmelidir.